# Ramazan aýynda agyz açar bermegiñ fazileti.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede, ähli-beýtine we ashabyna salat we salam bolsun.

Şeýh Salih bin Fewzan el-Fewzandan soradylar:

Sorag: Käbir adamlar Ramazan aýynda zyýafat berip, agşamlary agyz açar edýärler. Käbirleri bolsa, janly kesip sadaka beryärler we başgada hödür-kerem etmäge çalyşýarlar. Bunyñ hökümi näme?

Jogap: Hawa, mübärek aý bolanlygy üçin we agyz bekli kişileriñ iýmek-içmege mätäçligi sebäpli, Ramazan aýynda hödür-kerem etmek has sogaplydyr.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bu barada şeýle diýýär: **“Kim bir orazaly kişä agyz açar berse, onuñ gazanan sogaby ýaly sogap gazanar.”** *(Tirmizi, Ibn Mäje)*

Bu aýda mätäçlere nahar iýdirmek , amallaryñ iñ fazilетlisidir. Çünki bu aýda berilen sadaka başga aýlarda berlen sadakalardan, esse-esse sogaplydyr.

*El-Fetwa li'bn-i Fewzan-Kitabu'd-Dawe (1/153, 154)*